# Zynanyñ sekiz zyýany

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy,Medisina,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Zynanyñ sekiz zyýany ZYNANYÑ SEKIZ ZYÝANY




*«Kaýsy welaýatda köpelse zyna,*
*Zemin jünbüş eýläp, lerzana gelgeý».*
*Magtymguly Pyragy.*
Zyna – bu, jynsy islegiñi rugsat edilmedik ýollar arkaly amala aşyrmakdyr, ýagny, «binika jynsy gatnaşyklardyr».
Zyna günäleriñ iñ ulusy hasaplanýar. Zynadan ägä bolmadyga, ondan gaça durmadyga o dünýäde nämeleriñ garaşýandygyny pikir etmegiñ özü-de ynsany gorka salmaga ýeterlikdir.

1. Abat ojaklary bibat etjek iñ uly howp jelepçilik we zynadyr

Nika jemgyýetçilik durmuşy üçin bahasyna ýetip bolmajak nygmatdyr. Binika gatnaşyklar maşgala gurluşyny çagşadyp taşlaýan iñ uly howpdyr. Zyna şol bir wagtyñ özünde maşgalanyñ dargamagyna we perişan hala düşmegine sebäp bolýar. Zynanyñ hapa holtumlaryna düşenleriñ gazanjak ýekeje bir zady bar. Olam: öz edýän biwepalygyndan we özüne garşy biwepalygyñ berýän wyždan azaby bilen ýaşaýan erkekdir aýallaryñ peýdasyz puşmançylygy, aýrylyşan är-aýalyñ ene-ata mähriden we terbiýesinden binesip galan «eneli-ataly ýetim» çagalaryñ ahy-nalasy…

2. Zyna – nesil öndürijilige garşy uruljak iñ uly zarbadyr

Zynanyñ bize iñ mälim zyýany: ýaşlary sandan çykarmagy we olary gelejekde nesil öndürmäge ukypsyz hala getirmegidir. Jelepçiligi pişe edinen nesilleriñ bilinden ýokarsy işleýän

däldir. Olaryñ sözleri-de, hereketleri-de bilinden aşagyna perçinlenendir. Olar ömürleriniñ iñ öndürijilikli we döredijilikli çagynda añlaryny bihuda işlere sarp ederler.

3. Zyna wyždan azabyna goýýar

Aşakdaky sözler zynahorlugyñ hapa batgasyna doly batyp galan we munuñ üçin kalbyny tükeniksiz wyždan azaby gemirýän bir ýaş juwana degişli. Görüñ, ol nämeleri gürüñ berýär: «Mekdep okuwçysy wagtymda öz ýaşyma muwapyk däl kinofilmlere tomaşa edýärdim. Bu maña soñra agyr wyždan azabyny berýärdi. Öz-özüme oýnap-gülmegi gadagan edip başladym. Adamlardan gaça durmaga başladym. Özümi daş-töweregimde gezip ýören adamlardan has hapa we murdar görýärdim. Meniñ bagta däl-de azajygam bolsa rahatlyga mätäçligim bardy. Men indi şeýle bir hala geldim welin, haçanam bolsa bir gün muña çydaman, iñ agyr ýagdaýda hemme zady terk edip giderin öýdüp gorkýaryn».

4. Zyna siziñ dine bolan söýgiñizi we ýakynlygyñyzy öldürip taşlar

Zyna, hususanam haram işleri yzygiderli etmek, wagtyñ geçmegi bilen kem-kemden adamyñ kalbyny eýeleýär. «Yzygiderli edilýän ýaramazlyklar soñabaka olaryñ kalbyny garaldyp taşlaýar» (Mutaffifin, 83/14) diýen aýatyñ syryny şunuñ bilen baglanyşykly teswirlemek mümkin. Adamyñ kalby kerleşýär we güñleşýär. Agyr günäler kalbymyzy bir garaldyp taşlansoñ, yslam dinine söýgi bildirmegimiz, ýakynlaşmagymyz mümkin däl. Bu babatda zynanyñ howpuna pitiwa etmeýän, özüne erk edip bilmeýän adamyñ kalbyna her pursatda bir gara tegmil sürtüler durar… Dindarlyga, halallyga tarap gönügen adama her gün kalbynyñ syzlap durmagyndan beter agyr jeza ýok bolsa gerek. Şeýle ýagdaýda wyždany syzlap duran adamyñ psihologiki gujury pese gaçýar we üns berilmeli meselelerde (mysal üçin namazy ýalñyşsyz okama meselesinde) haýal-ýagallyga, sowuk-salalyga ýol berýär. Çünki biziñ bu aýdanlarymyzyñ hemmesi biri-birine baglanyşyklydyr.

5. Zyna – ýatkeşlik ukybyňyzy küteldýär

Huşsuzlyk zynahorlugy endik edinenlerde köp duş gelýär. Bitertip jynsy gatnaşyklar we garşy jynsa (erkek aýala, ýa-da aýal erkege) seretmek adamyň aňyny, ünsüni çagşadýar. Aň boýunça hünärmenler huşsuzlygyň we aň gowşaklygynyň artmagyny ýigriminji asyryň biziň günlerimize goýan mirasy hasaplaýar. Olaryň aýtmagyna görä, beýniniň işleýiş akymynyň bentlenmegi, telewizora gereginden artyk tomaşa etmek, başly-barat bolsadylar ekmek ýaly sebäplerden beýin güýji gowşaýar we bitertip pikirlenme endigi ýaly zyýanly täsirler adamlary aň kütekligine iterýär.

6. Zynanyň pişä öwrülmegi öwezini dolup bolmajak ýitgileri döreder

Jelepçiligiň jemgyýete berýän iň uly zyýanlarynyň biri-de ýörite jelephanalaryň açylmagydyr. Ilat sanynyň çakdanaşa artmagy jelephanalaryň köpelmegine getirýär. Bu bolsa jemgyýeti ahlak taýdan gorpa itekleýär. Entek kämillik ýaşyna ýetip-ýetmänkä üzümiň suwy ýaly ýaşajyk gyzlar jelephanalaryň iň arzyly «harytlaryna» öwrülýär. Jelephanalar maşgala gatnaşyklaryny zäherleýär, munuň netijesinde bolsa mähir-şepagatsyzlygyň, bigäneleşmegiň we wepasyzlygyň goýry gara kölegesi gitdigiçe gerşimize çöküp barýar…

7. Zyna – abortlary köpeldýär

Zyna we jelepçilik köplenç islenilmeýän göwrelilige sebäp bolýar. Adatça, her kimem binika doglan çagany ekläp-saklasy gelýän däldir. Şonuň üçin zyna işini edeniň öňünde abort meselesi keserýär duruberýär.

8. Zyna – adamyň saglygyna howp salýar

Binika gatnaşyklar adamyň saglygyna zyýanlydyr. Birnäçe ýokanç weneriki keselleriň zynadan gözbaş alyp gaýdýandygy medisina ylmynda subut edilendir. Hatda häzir adamzadyň saglygyna howp salýan emi tapylgysyz howply AIDS keseli-de köplenç jynsy

agzalaryñ üsti bilen ýaýraýar. Zynahorlugyñ adat bolan jemgyýetlerinde ölümli hadysalaryñ köpeljegini habar beren Hezreti Pygamberimizem (s.a.w) hut şu hususa ünsi çekipdir.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Jemgyýetçilik tankydy